# Eý meniñ söýgimiñ hudaýy enem

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eý meniñ söýgimiñ hudaýy enem **ENEM**




Eý meniñ söýgimiñ hudaýy, enem.
Sen meniñ bagtymyñ gedaýy, enem.
Eger alyp bolsa ömrümden meniñ,
Goşsunlar ömrümi ömrüñe seniñ.

Eger mümkin bolsa men saña derek,
Ölmäge taýyn men günde müñ gezek.

Yöne kim tapypdyr takdyra çäre,
Bimahal aýralyk düşmesin ara.

Goý, Alla jan saña Lukmanyñ ömrün,
Hezret Süleýmanyñ Bylkysyñ emrin.

Saña bagyşlasyn gudratly Subhan!
Ene jan! Ene jan, men saña gurban.

- **Bentler, rubagylar**

Öz-özüne gylyç bolmaz hiç demir,
Bagryna basýança suw bilen kömür.

Halyñdan şikaýat eýleme köñül,
Dur entek dolanar, dolanar döwür.

***

Sabr eýle soñunda salamat bardyr,
Göwnüñ giñ tut, çünki bu dünýe dardyr.
Gury bir söz däldir bu rubagular,
Manasyn añlanyñ ömrüne ýardyr.

***

Neçüýn bu hasratlar ferýat-fyganlar,
Niýetiñ hayr eýle, ýitsin gumanlar.
Näşükür bolmagyl, belki-de kändir,
Iñ erbet günüñi arzuw edýänler.

***

Dert ýagşydyr, dert ynsany mert eder,
(Namart ogly sähel zady dert eder.
Oýan gardaş! Saña ýatmak ýaraşmaz,
Ýagşy niýet tilki halyñ gurt eder.

Haýrullah MYRADY ÇALYŞ,
Owganystan. Goşgular